***Düýn, 8-nji sentýabrda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhana dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berildi.***

Açylyş dabarasyna ýurdumyzyň ýolbaşçy düzümi, gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, hormatly ýaşulular gatnaşdylar. Döwlet Baştutanymyzyň dabara gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda toý bagyny kesmegi ýatda galyjy pursatlaryň biri boldy. Bir gije-gündiziň dowamynda 100 tonna önüm öndürmäge niýetlenen kärhana ýurdumyzyň senagat ähmiýetli önümçilik desgalarynyň üstüni ýetirmek bilen, milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösüş, ýurdumyzyň döretmek ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny görkezdi.

Täze önümhana Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Horn Glass Industries» kompaniýasynyň bu ýerde oturdylan enjamlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän halkara derejesinde kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy, Italiýa Respublikasynyň «Vetromeccanica Srl» kompaniýasynyň önümhanada gurnalan tehnologiki enjamlaryň hil, daşky gurşaw we howpsuzlyk taýdan Halkara sertifikatlarynyň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy, şeýle-de önümhana Italiýanyň «Bottera» kompaniýasynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän toplumlaýyn dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylandygyny tassyklaýan şahadatnamasy dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Açylyş dabarasynyň dowamynda döwlet Baştutanymyz «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň ýolbaşçysyna sowgat hökmünde täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026